# Mao Dunuň döredijiliginiň tematiki köpdürliligi

**1)Giriş**

**2) I Bap**

Mao Dunuň ömri

**3) II Bap**

Ýazyjynyň döredijiligi

**4) III Bap**

a) Mao Dun adyndaky edebiýat baýragy

b) Eminleriň saýlanylmagy

ç)Baýragyň taryhy

**5) Netije**

**6)Peýdalanylan edebiýatlar**

***„Biz beýik Hytaý ýaly hyzmatdaşymyzyň, dostumyzyň we doganymyzyň bardygyna buýsanýarys.***

***GurbangulyBerdimuhamedow***

**Giriş.**

Bize mälim bolşy ýaly, Türkmenistan Garaşsyzlygyny alanyndan soň dünýäniň köp ýurtlary bilen gatnaşyklar ýygjamlaşdy.Türkmenistan we Hytaý gadymdan bäri dostlukly – goňşy döwletler bolup, halklarymyz syýasy-ykdysady gatnaşyklar bilen özara baglanşyklydyrlar. Muňa subutnama hökmünde bize diňe gadymy „Beýik ýüpek ýoluny” ýatlamak ýeterlikdir.

Biziň eramyzdan öň II asyrda Hytaýdan gaýdýan bu beýik söwda ýoly türkmen topragynyň üstünden hem geçip gadymy Merw, Köneürgenç, Nusaý, Dehistan ýaly türkmen şäherleri bolan şol döwürde gülleýär, gadymy söwda hünärmentçilik şäherler bolupdyrlar. Hytaýlylar türkmenlerden – at, üzüm, haly, ýarag, gawun, pagta matalaryny, gymmat bahaly daşlary alan bolsa, türkmenler Hytaýdan farfor, däri, çaý we ş.m. zatlary getiripdiler.

Beýik ýüpek ýoly bilen Hytaýdan Merkezi Aziýa, Eýrana we Wizantiýa kerwen gatnapdyr. Kerwenler iki-üç ýyllap ýo lýöräpdir (Hytaýlar), harytlar elden-ele geçipdir, (daglyk ýurtlarda) harytlar düýelerden düşürilip, ýabylara ýüklenipdir.

Adamzat siwilizasiýasynyň gadymy köklerine eýe bolan we özboluşly medeniýetini saklap, şu günlere alyp gelen Hytaý halky adamlarda aýratyn duýgulary döredýär. Hytaý halky öz gadymy milli däplerine, söýgi hormatyny ýitiren däldir – diýsek ýalňyşmasak gerek. Meşhur Hytaý gap-gaçlarynda, owadan farfor wazalarda şekillendirlen belent bagly daglaram, okgunly derýalaram, şaly meýdanlaram, günorta çaýynyň ýapraklaram şol söýgüden habar berýär. Bularyň bary biziň halkymyzyňam kalbyna ýakyn zatlardyr.

Türkmenler baryp geçen ýüz ýyllykda-da Çyn-Maçyn ýurdy bilen söwda aragatnaşygyny saklap gelendigi hemmä mälimdir.

Gadymy türkmen halky Hytaýy Çyn-Maçyn diýip atlandyrypdyrlar. Gojalarymyz meşhur hytaý çaýyny şu günlerem ýatlaýarlar. Halk içinde ol çaý „Guşdyrnak“ diýlip atlandyrlypdyr. Onuň tagamy biziň ýüzýyllygymyzyň adamlarynyň ýadynda saklanyp galypdyr.

Beýik ýüpek ýolunyň açylmagy dünýäde Beýik Günbatar bilen Gündogar medeniýetleriniň gatnaşyklarynyň açylmagynyň sebäpleri hökmünde tanalýar. Türkmen-Hytaý gatnaşyklarynyň täze eýýamyTürkmenistan döwletiniň öz Garaşsyzlygyny alandan soňra başlandy. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ykrar edilmegi bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy (1992ý. Türkmenbaşy aýynyň 6-sy).

Men bu ýyllyk işimde hytaý edebiýatynyň görnükli ýazyjysy Mao Dunuň döredijilik işine seredip geçdim. Mao Dun zehinli, beýik söz usstalaryndan biri hasaplanylýar.Hytaý ýazyjylarynyň arasynda hem hormatly orny eýeleýär. Ol örän ýiti paýhaslylygy bilen tapawutlanýar. Şeýle hem hytaý edebiýatynda aýajyp işleri bitirip, hytaý edebiýatyna gymmatly goşant

goşan ýazyjy hasaplanýar.Onuň gözünden hiç bir zat sypmandyr. Ol adam häsiýetindäki iň owunjak, maýda zatlary hem gözden sypdyrmadyk we ony eserinde özüne mynasyp sypatlandyran söz usady Mao Duna adaty dil bolmadyk dil baýlygy berlipdir.Şonuň üçin ýazyjy islendik pikiri ýokary çeperçilikde täsirli berlip, täsin söz şekilleri söz sungatynda teswirlemekde hiç hili kynçylyk çekmändir. Onuň döredijilik mirasynyň hytaý edebiýatynyň taryhynda özüne mynasyp orny bar. Ol tebigy zehini bilen hytaý edebiýatynyň taryhynda hiç haçan öçmejek yz goýan beýik ýazyjydyr.

Ýyllyk işimiň temasy üç sany meýilnamalaýyn soraglaryň esasynda beýan edildi. “Giriş” we “Netije” bolsa şol meýilnamalaýyn soraglara girişmäge we umumy netijeleýin gürrüň etmäge uly ýardam berdi.

Ýyllyk işimiň birinji meýilnamalaýyn soragy “Mao Dunuň ömür ýoly” diýip atlandyrylýar. Ikinji meýilnamalaýyn soragy “Ýazyjynyň döredijiligi” hem-de Mao Dun adyndaky edebiýat baýragy barada giňişleýin ýazylýar.

Ýyllyk işimiň esasy maksady we wezipesi şulardan ybaratdyr:

1. XX asyryň edebiýatynyň žanr köpdürliligi bilen tanyşmak;
2. Döwrüň ýazyjy şahyrlary we olaryň döredijilikleri bilen tanyşmak;
3. XX asyryň meşhur ýazyjysy Mao Dunuň ömri we döredijiliginiň köpdürliligi bilen tanyşmak

Şu işi ýazmak üçin men dürli çeşmelerden we edebiýatlardan peýdalandym. Olaryň içinde gazet žurnal maglumatlary bar.

# I Bap

## Mao Dunuň ömür ýoly

Mao Dun-lakamy, hakyky ady Şen Ýan-bin. Ol 1896-njy ýylyň iýul aýynda Çžeszýan welaýatynyň Sinçžen diýen ýerinde dogulýar. Pekin uniwersitetiniň taýýarlyk bölüminde okaýar. 1916-njy ýyldan başlap Şanhaýdaky neşirýatda işläpdir. 1920-1922-nji ýyllarda “Sýaoşo ýuebao” žurnalyna ýolbaşçylyk edipdir.Edebiýaty öwreniş guramasyny esaslandyranlaryň biri bolupdyr. Mao Dun bu guramany 1921-nji ýylda esaslandyrypdyr. 1927-nji ýyla çenli publisist, edebiýatçy, tankytçy we terjimeçi hökmünde hytaý okyjylaryny günbatar ýewropa we rus edebiýaty bilen tanyşdyrypdyr, sowet edebiýatynyň ilkinji şowly gadamlary barada gürrüň edipdir. “Personažlaryň öwrenilişi”(1925), “Hytaý mifiologiýasy”(1925), “Kyssany öwrenişe giriş”(1928) we.ş.m kitaplaryň ýazarydyr.

Ilkinji çeper eseri-“Tutulma” (1927-1928), “Lapykeçlik”, “Ikirjiňlenme” “Gözlegler” atly üç powestden ybarat bolup, 1925-1927-nji ýyllaryň rewolýusiýasynyň şowsuz gutaranyndan soň ýazylypdyr. Onuň gahrymanlarynyň köpüsi – durmuşdan tamasy çykmadyk ýaş intelligentler, diňe az sanlylar göreşi dowam etdirýärler. 1928-1930-njy ýyllarda Mao Dun Ýaponiýa göçüp gidýär, ol ýerde “Itburun”(1929) we “Öňkiýyllyk ot”(1929) hekaýalar ýygyndylaryny ýazýar. Bu hekaýalar “Tutulma” kitabyna meňzeş ýazylypdyr. Şol wagt hem “Älemgoşar” romanyny başlaýar, emma ol doly tamamlanman galýar.

1930-njy ýylda Hytaýa gaýdyp gelip, Mao Dun Hytaýyň çep ýazyjylar guramasynyň agzasy bolupdyr.

Üç sany uly hekaýadan duryan “Oba trilogiýasy” (1932-1934) eserinde Mao Dun ykdysady ýagdaýyň erbetleşmegi netijesinde nädip daýhanlaryň ýaragly göreşe başlaýandyklaryny görkezýär. Kiçi söwdegärleriň tozmagy, bergä batmagy “Liniň dükany” powestinde (1932) görkezilýär.Onuň gahrymanlarynyň syýasatdan uzak, garşylyk görkezip bilmeýän, iş başarjaň we akýürekli adamyň keşbi tipiki keşpdir. Iň täze hytaý edebiýatynda Mao Dunuň “Daň atmazyndan öň” (1933) romany sosial epopeýanyň ilkinji nusgasy boldy. Bu romanda milli buržuaziýanyň ýagdaýy, işçileriň köpçülikleýin göreşi şekillendirilýär.

Ýaponiýa bilen uruş bolýan döwürde (1937-1945) Mao Dun edebiýat jemgyýetini watam üçin çagyrypdyr, “Wenýi Çžendi” žurnalynyň redaktory bolupdyr, çeper dokumental eserlere köp üns beripdir. “Birinji tapgyr baradaky powest”(1939) Şanhaýyň üç aýlap goranyşy barada gürrüň berýär, “Derbi-dagyn edilenden soň”(1942) we ş.m. 1941-nji ýylda Gonkongda “Dargama” romanyny çap edipdir. Roman “Çankaýşistlaryň gizlin polisiýasynyň aralaşmaly bolan ýaş aýalyň gündeligi görnüşinde ýazylypdyr.”1942-nji ýylda ýaponlar Gankongy alanlaryndan soň gomindan ýerlerine gaýdan Mao Dun hytaý welaýatynyň 1911-1913-nji ýyllar rewolýusiýasy öňisyrasyndaky ýagdaýy barada ýazjak bolan ullakan işiniň birinji bölümini – “Gyraw sepilen ýapraklar ýaz paslyndaky güller ýaly gyzarýar” atly romanyny (1942) döredýär, 1945-nji ýylda bolsa ýurduň täzeden dikeldilmegi üçin alnyp barylýan göreşe bagyşlanan “Ýas günlerinde” dramasyny ýazýar.

Ýaponiýa bilen bolan uruş tamamlanandan soň Mao Dun demokratik guramalaryň hereketine gatnaşýar, terjime bilen meşgullanýar.

Ol W.Kataýewiň “Goşun ogly”, W.Grossmanyň “Halk bakydyr”we ş.m. eserleri terjime edýar we “Berkişme” romanyň üstünde işleýär.

1946-1947-nji ýyllarda SSSR boýunça syýahat edýär we şonuň netijesinde “SSSR-de görlen we eşidilen zatlar” (1948) we “Sowet soýuzy” barada gürrüň (1949) eserleri ýazylýar.

1949-1964-nji ýyllarda Mao Dun Bütinhytaý edebiýat we sungat işgärleri birleşmesiniň ýolbaşçysynyň orunbasary, Hytaý Halk Respublikasynyň medeniýet ministri wezipelerinde işläpdir, edebiýaty öwreniş we publisistika bilen meşgullanypdyr. “Gije bellikleri”, “Sosialistik realizm baradaky oýlanmalar”(1958), “Hyjuw” (1959), “Taryh we taryhy dramalr barada” (1962), kitaplary medeniýet öwrülişigi diýip aýdylýan döwürde yzarlanma sezewar bolupdyr.

## II Bap
## Ýazyjynyň döredijiligi

Hytaýda häzirki zaman söz ussatlarynyň arasynda Mao Dun lakamy bilen tanalýan görnükli ýazyjy we publisist Şen Ýan-bin hormatly orun eýeleýär.

Mao Dun Hytaýda Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasyndan soň bolup geçen rewolýusion hereketiniň ýokary göterilişi bilen edebiýata gelen ýaşuly nesliň iň zehinli ýazyjylarynyň hataryna degişlidir. Ol özi bilen bile köp ýyllaryň dowamynda öz güýjüni Hytaýyň realistik edebiýatyny döretmeklige sarp eden beýik Lu Siniň[1] pikirdeşleriniň biri bolupdyr.

Mao Dun 1896-njy ýylda Çzeszýan prowinsiýasynyň Tunsýan uýezd merkezinde dünýä inýär. Ýazyjynyň kakasy, gadymy Hytaýda ilkinji alymlyk derejesine eýe bolup, uýezdyň ady belli lukmany, şeýle-de öz reforma maksatnamalaryny imperator hökümdarlygynyň abraýy bilen parahatçylykly durmuşa geçirmegiň mümkinçiligini ykrar edýän reformator ideýalarynyň tarapdary bolupdyr. Onuň gyzyklanmalary takyk ylymlaryň: matematikanyň, fizikanyň, geografiýanyň, astronomiýanyň sferasynda bolupdyr. Ol daşary ýurtlaryň ylmynyň ösüşine üns berip, köp kitaplara ýazylýardy. Kakasynyň öý kitaphanasynda hem Darwiniň, hem Pasteriň, hem Mendeleýewiň işleri bolupdyr.

[1]Lu Sin – Hytaýda 1881-1936-njy ýyllarda ýaşap geçen belli ýazyjy.

Mao Dun ýazyjy-rewolýusioner bolmak isleýän ýazyjynyň wezipesi hakynda köp hem çyndan pikirlenipdir. Onuň pikirine görä, söz ussadynyň sosial borjy- ýaşaýşyň hadysalaryna we hakykatyna ýakyn bolan eserleri döretmekdir. Ýazyjynyň nukdaýnazaryndan, diňe jemgyýetçilik durmuşyny şöhlelendirýän edebiýatyň okyjynyň ünsüni çekmäge hukugy bardyr. Biriniň durmuşyna gatyşmak, onuň iň gizlin syrlaryny bilmek- ussadyň wezipesidir. Häzirki zada syn etmek, häzirki zady analizlemek- ynha ýazyjynyň wezipesi.

1921-nji ýylda beýleki öňde baryjy ýazyjylar bilen bilelikde Mao Dun realistik ugruň “Edebiýaty öwrenýän jemgyýet” atly edebi toparyny döredýär. Jemgyýetiň dörän ilkinji günlerinden başlap, Mao Dun, hyjuwdan we rewolýusion ýokary göterilişden doly bolup, uly ylham we maksada okgunlylyk bilen özüni tutuşlygyna ýazyjylyk işine we döredijilik zähmetine bagyş edýär.

1927-nji ýylda Mao Dun ilkinji çeper eserleri bilen çykyş edýär. Onuň “Pikir garjaşma” atly üçeseri- “Lapykeçlik”, “Ikirjeňlenme” we “Gözlegler” neşir edilýär. Olarda ýazyjy Hytaýyň ownuk buržuaz intelligensiýasyny onuň 1924-1927 ý.ý. rewolýusiýanyň dowamyndaky tertipsizligi we durnuksyzlygy, lapykeçligi suratlandyrýar. Ýazyjy rewolýusion wakalaryň girdabynda ownuk egoistik bähbitleriň dünýäsinden boşap bilmeýän intelligensiýanyň wekilleriniň (“Lapykeçlik” romanynyň baş gahrymanlary Szin we Hoýuň; “Ikirjeňlenme” romanyndaky Sun U-ýanyň, Fan Lo-lanyň we Fan Taý-çanyň; “Gözleglerdäki”- Çžan Lyu-lyunyň we Çžan Man-siniň) surat galereýasyny görkezýär. Bu eserlerde Mao Dun uly paş ediji güýç bilen Hytaý rewolýusiýasynyň ýeňilen wagtynda, terroryň, rewolýusionerleriň

ölüm jezalarynyň we durnuksyz gatlaklaryň dönükliginiň ýyllarynda intelligensiýanyň ownuk buržuaz psihologiýasynyň düýp esasyny açyp görkezýär. Özboluşly, ýatda galýan nusgalary döredip, ýazyjy ownuk buržuaziýanyň durnuksyzlygyny we tertipsizligini, onuň gowşaklygyny we ýiti synpy göreşde halkyň bähbitlerini goramaga we rewolýusiýada esasy wezipäni ýerine ýetirmäge ukypsyzlygyny çeperçilik serişdeleri arkaly görkezmäge çalyşýardy.

Mao Dunuň adamy hakyky bolşy ýaly edip suratlandyrmak, ownuk bölekleri, aýyklaýjy bölekleri beýan etmek bilen gyzyklanman, ýaşaýşyň baýlygy onuň çylşyrymly gapma-garşylyklarynda açyp görkezmek isleýärdi. “Älemgoşar” romanynda halk köpçüliginiň göreşi görkezilip, položitel keşpleriň döredilendigi sebäpli, ol ýazyjynyň ideýa ösüşini, çeper ussatlygynyň ýokarylanşyny, döredijilik taýdan kämilligi şöhlelendirýän hakyky üstünlik bolupdyr.

Ýazyjy ussadyň sosial borjunyň belent we jogapkärli temasyny, sungat bilen halk bähbitleridir isleglериniň berk arabaglanyşygynyň temasyny gozgaýar.

Mao Dunuň “Sosial fon we döredijilik” makalasynda şeýle ýazýar: “Hakyky edebiýat- bu eýýamy şöhlelendirýän edebiýat... Men jemgyýetçilik durmuşy suratlandyrýan edebiýatyň hakyky edebiýatdygyny duýýaryn. Sosial fon bolsa, ezilen ýurduň halky bilen baglanyşykly edebiýata has gerekdir.” Jemgyýetiň tarapdarlarynyň talaplaryna laýyklykda, çeper döredijilik, ýazyjylar jemgyýetçilik durmuşyna onuň tutuş çylşyrymly köpdürlüliginde gatyşar ýaly, “ganyň we göz ýaşlaryň” edebiýatyny” wagyz eder ýaly, edebiýatyň sosial

gönükdirilenliginiň prinsipini we döredijiligiň realistik metodyny ykrar eder ýaly, eýýamyň çagyrşyna jogap bermelidir.

Ýurtdaky täze rewolýusion ýokary göteriliş ýazyjylaryň köpüsi üçin çeper ylhamyň çeşmesi bolupdyr. Ol şahsy betbagtçylyga uçran Mao Duna hem täsir edipdir- onuň 1930 Sowet Soýuzyndan Hytaýa dolanyp, Hubeý- Hepan-Linhoý sowet raýonynda işlän agasy Şen Sze-mil gomindan reaksiýasyna garşy göreşde gahrymanlarça wepat boldy.

Bu ýyllarda Mao Dun täze gyzykly eserleriň bir toparyny döredýär: “Älemgoşar” romany, “Üçüsi” atly hekaýasy, “Daň atmanka” romany, “Birinji tapgyryň hekaýalary” we başgalar.

Adynyň özi optimistik başlangyjy aňladýan “Älemgoşar” romanynda esasy tema hökmünde erksiz intelligentleriň lapykeçligi we ikirjeňlenmeleri däl-de, eýsem gaýduwsyz, durmuşy ykrar edýän göreş çykyş edýär. 1919-1925 ý.ý. döwrüniň wakalaryny öz içine alýan “Älemgoşar” romanynda ýazyjy açyk položitel häsiýetleri, has-da ýaş gyz Meýiň keşbini açyp görkezmegi başardy. Täze gahrymana ýazyjy tarapyndan edermenlik we mylaýymlyk berilen bolup, intelligentleriň garyplaşan maşgalasynda dünýä inýär. Çylşyrymly göreşden we özgermelerden soň Meý öz watanynyň azatlygy we özbaşdaklygy ugrunda göreşýän gaýduwsyz esgerleriň hataryna goşulýar. Hytaý jemgyýetiniň köne, süňke dönen däp-dessurlaryna, egoistik indiwidualizma, kemsitmä we adamyň hukuksyzlygyna garşy, hukuk we adam mertebesi ugrunda çykyş eden gahryman gyz Meýiň Mao Dun tarapyndan döredilen tipi möhüm položitel roly oýnap, Hytaýda aýdyň jemgyýetçilik ähmiýetine eýe bolupdyr.

Ýazyjy öz döredijiliginde Hytaý obasyna uly üns berýär. Mao Dunuň eserlerinde “Hytaýyň ýönekeý we beýik zähmetkeşlerine” bolan çynlakaý duýgudaşlyk, olaryň hasratyna, agyr kysmatyna bolan rehimlilik duýulýar. Ýazyjy şeýle ajaýyp eserleri döretdi: “Ýazky ýüpek gurçuklary”, “Gazaply gyş”, “Güýzki hasyl” we başgalar, bularyň ählisinde daýhançylygyň hasratly we hukuksyz durmuşy hakynda aýdylýar. Bu, özara bitewi many bilen baglanyşykly hekaýalarda ýuwaş-ýuwaşdan jemgyýetiň ýiti adalatsyzlygyna akyl ýetirip başlaýan we öz bilini ýazmak, asyrlar boýy dowam edýän horlukdan azat bolmak isleýän halkyň hem horlugy, hem-de gizlin güýji şöhlelendirilýär. Hytaý obasynyň rewolýusion ýoluna düşen zähmetkeşiniň häsiýetli aýratynlyklaryny özünde jemleýän garyp Tun-baonyň durmuşy agyr zähmetde geçýär. Ýazyjynyň ynamly görkezişine görä, Tun-baonyň ykbaly ýüpek gurçuklaryna, ýüpek pileleriniň ösdürilmegine- daşary ýurtly eýeçileriň ýüpek dokma fabrikleri üçin çig malyň taýýarlanylmagyna gös-göni bagly bolup durýar. Garry Tun-bao hemme güýjüni ýüpek gurçuklary hakyndaky alada berýär, derini saçyp ol gymmat daşary ýurtly ýüpek gurçugynyň tohumyndan ajaýyp pileleri alýar. Indi onuň zähmeti sylaglanjak, hem-de ol, ahyry, mülkdara we süýthora bar bolan bergilerini üzüp, zordan gününi dolandyrjak ýaly. Emma görgüliniň umytlarynyň amala aşmak nesibesi ýok. Tutuş kapitalistik dünýäni sarsdyran çökgünligiň tolkunlary Hytaýyň ýarym kolonial obasyna hem ýetipdir.

Klassyky rus edebiýaty bilen, Tolstoýyň, Turgenewiň, Çehowyň, Gorkiniň we beýl. eserleri bilen tanyşlyk ýazyjyda rus halkyna, onuň

özbaşdaklyk ugrundaky göreşine, onuň edebiýatyna, rus milli sungatyna uly gyzyklanma döredýär.

Mao Dunuň ýaşaýşyna görä, “hakyky ussadyň döredijiligi hakyky milli edebi eserde jemlener ýaly, ol öz indiwidual häsiýetlerinden daşary, halkylyk bilen bellenilen bolmaly, ýagny onuň şol ýurduň halkyna mahsus bolan özboluşly ýakymlylygy bolmalydyr. Diýmek, rus halkynyň özboluşly ýakynlylygynyň häsiýetleri- bu onuň gara güýçlere garşy takatlylyk we tutanýerlilik bilen göreşmäge, jan aýaman zähmet çekmäge ukyby, onuň altruistik duýgulary, onuň internasionalistik ruhudyr.

Bu halk häsiýetiniň N.W.Gogoldan soň ösen suratlandyrylşy köp ýazyjylaryň döredijiliginde diňe Russiýada däl, eýsem tutuş dünýäde hem ägirt uly täsire eýe boldy. Hut şunuň ýaly, halk häsiýetini açyp görkezýän edebiýat hakyky gymmatlyk bolup durýar.

Mao Dunuň eýýäm irki eserlerinde onuň çeper döredijiliginiň esasy häsiýetleri görkezilýär. Bu, ilki bilen, döwrüň möhüm sosial hadysalarynyň, dürli sosial gatlaklaryň tipiki wekilleriniň, olaryň häsiýetleriniň, olaryň ideýa dünýäleriniň görkezilmegidir.

Mao Dunuň kitaplary biziň eýýamymyzyň ýigriminji we baryp tä otuzynjy ýyllardaky Hytaýyň durmuş ensiklopediýasy bolupdyr. Mao Dun ýaly öz romanlarynda we hekaýalarynda hiç bir beýleki hytaý ýazyjy häzirki zaman Hytaý jemgyýetiniň şeýle giň suratyny çekmändir, döwürdeşleriň keşpleriniň şeýle giň galereýasyny döretmändir, şonça mesele-de goýmandyr.

Hytaýda 30-njy ýyllaryň başyndaky eserleriň iň görnüklileriniň biri hökmünde Mao Dunuň “Szyýe”- “Daň atmanka” diýen romany (1932) çykyş edipdir, munda ýazyjynyň çeperçilik zehini has ýiti bildirýär. Bu romanda awtor tüýs çeperçilik serişdeleri arkaly 20-nji ýyllaryň soňundaky we 30-njy ýyllaryň başlaryndaky Hytaý durmuşynyň mazmunly eserini döretmegi başaran uly ussat hökmünde çykyş edýär.

“Daň atmanka” atly romanyň içinden eriş-argaç bolup geçýän esasy tema- ýurduň tutuş ykdysadyýetiniň daşary ýurtly imperialistlara boýun egmekleri we, munuň netijesinde, Hytaýda milli sungatyň ösmegi üçin mümkinçilikleriň ýoklugy, hytaý halkyny tabyn etmek üçin imperialistler bilen birleşen kompradorlaryň, iri buržuaziýanyň we mülkdarlaryň reaksion tebigatynyň üstüniň açylmagy, ýiti synpy göreş, işçileriň we daýhanlaryň rewolýusion hereketiniň ýokary göterilmegi we ýurtdaky antiimperialistik göreşdir.

Bu romanda Şanhaý öz sosial-dürli dünýäsi, gapma-garşylyklary we ylalaşmazlyklary bilen birlikde Mao Dunuň üsti bilen zehinli ýyl ýazgylaryny düzüjini tapypdyr. Iňlis amerikan kapitalyň Hytaýa biedeplik bilen gatyşmagy, daşary ýurtly we Hytaý buržuaziýanyň bähbitleriniň çaknyşygy, zähmetkeşleriň hukuklaryna täze gysma- bu zatlaryň ählisi Şanhaýyň mysalynda görkezilendir. Roman Hytaýyň ýeriniň bütewiligi üçin gorky döredýär, ol watan söýüjilerini jebisleşdirmäge çagyrýar, ol halkyň ýagty geljegine ynamly garaýar.

Mao Dunuň beýleki birnäçe eserlerinden tapawutlylykda, onuň täze romany şatlykly, döredijilikli meýillerden doly bolupdyr.

Romanyň “Szyýe”, ýagny daň atmazdan öňki gijeki sagady aňladýan adynyň özünde Hytaýda höküm süren gomindan reaksiýasynyň tümlüginden ýagty güýçleriň üstün çykmagynyň ideýasy bolupdyr. Bu pikir romanyň gahrymanlarynyň biri tarapyndan beýan edilipdir. Tu Wen-ýo şeýle belleýär: “Daň atmanka, hemişe tümlügiň has garaňky bolup görünýän pursady bar”...

Realistik sungatyň prinsiplerini berjaý edip, ýazyjy hytaý obasynyň jemgyýetçilik durmuşyny onuň ösüşinde we rewolýusion wakalaryň köpelmeginde görkezýär. Bu baglanyşykda söz ussadynyň feodalizmiň ruhy sütemlerinden azat bolmadyk, ol dünýä güýçlerinden, ruhlardan we hudaýlardan kömege garaşýan Tun-baonyň keşbindäki ýaşuly nesil bilen onuň köne dünýä adalatsyzlyga we hukuksyzlyga garşy ýiti rewolýusion göreşiň zerurlygyna akyl ýetiren ogly A-do tarapyndan janlandyrylýan täze nesliň arasyndaky göreşi açyp görkezmegi hasiýetlidir.

Mao Duna Turgenew[1], Gorkiý, Barbýus, Dikkens, Ibsen, Senkewiç, Mopassan we başg ýaly daşary ýurtly ýazyjylaryň köp sanly eserleriniň terjimeleri degişlidir.

[1]Turgenew – meşhur rus ýazyjysy.

## III Bap
## Mao Dun adyndaky edebiýat baýragy

Mao Dunuň baýragy (“Mao Dun wensýue szýan”)-Hytaýdaky iň bir abraýly edebiýat baýragy HHR-iň ilkinji medeniýet ministri (1949-1964) we Hytaý ýazyjylarynyň bileleşiginiň ilkinji başlygy (1953-1981) Mao Dun 1981-nji ýylda aradan çykýar. Emma öz wesýetnamasynda hytaý edebiýatçylary üçin şeýle baýragy döretmegiň zerurlygyny ýazmak bilen çäklenmän, şeýle baýragyň döredilmegi üçin 250 müň ýuan hem galdyrypdyr. Hytaý ýazyjylar bileleşigi bu pikiri goldapdyr, we 1982-nji ýylda Mao Dun adyndaky edebiýat baýragynyň ilkinji gowşurylyş dabarasy geçirilipdir. Däp boýunça baýrak ýörite saýlap alnan eminleriň mynasyp diýip tapan birnäçe romana berilýär.Düzgün boýunça baýrak her üç ýyldan berilmeli bolsa-da, ol uzak wagtlap wagtynda berilmedi. Meselem, 1982-nji ýyldan başlap bary-ýogy sekiz gezek baýrak gowşurmak dabarasy geçirildi – 1982, 1985, 1991, 1997, 2000, 2005, 2008 we 2011-nji ýyllarda.

Ähli dalaş edýän eserler aşakdaky talaplara jogap bermeli:

-Eseriň göwrümi 130 müň iýeroglifden az bolmaly däl we baýrak gowşurylyş dabarasyndan azyndan bir ýyl öň çap edilen bolmaly (meselem, birinji baýragyň (1982) eýeleri 1977-1981-nji ýyllar aralygynda neşir edilen romanlar arasyndan saýlanypdyr, ilkinji baýragyň eýeleri bolsa – 1982-1984-nji ýyllar aralygynda neşir edilen romanlaryň arasynda).

- Eminleriň ýarysyndan köpüsi romanyň baş sanawa goşulmagyna razy bolmaly.

- Gatnaşmak üçin, köp tomly eserler ýazyp gutarylmaly (özem köp tomly eser tutuşlygyna däl-de, bir tomy hem baýraga dalaş edip biler –

meselem, 1982-nji ýylda baýragy Ýao Sýunein “Li Szyçen” romanynyň ikinji tomy bilen alypdyr, 2000-nji ýylda bolsa baýraga Wan Sýuýfeniň “Çaý adamlary”(“Çažen”) trilogiýasynyň ilkinji iki tomy mynasyp bolupdyr.

- Diňe hytaý dilindäki romanlar baýraga dalaş edip bilýärler. Emma, milli azlyklaryň dilinde ýazylan eserler hem gatnaşyp bilerler, eger olaryň hytaý diline edilen terjimesi bolsa.

- Her bir ýazaryň diňe bir eseri gatnaşmaly.

## Eminleriň saýlanylmagy

Baýrak berýän eminler toparynyň agzalary baýraga dalaş edýänler ýaly ýeňil bolmadyk synagdan geçýärler. Olary Hytaý ýazyjylar bileleşiginiň welaýat bölümleri ýa-da oňa meňzeş guramalar teklip edýärler we olar köp ýerlerde kyn synaglardan geçýärler. Iň möhüm zat, her bir baýrak gowşurylyş dabarasynda eminler toparynyň agzalarynyň ýarysy diýen ýaly täzelenýär. Eminler toparynyň agzasynyň adalatly bolmagyna kepil bolýan zat – onuň öz boýnuna alýan köpsanly borçlary: meselem, oňa sowgat almak gadagan, baýraga dalaş edýän ýazyjylaryň hökman edýän meýlislerine gatnaşmaly däl, şeýle-de şol ýazyjylaryň hiç biri bilen-de ýakyn dostlukly ýa-da garyndaşlyk gatnaşyklarynda bolmaly däl. Baýrak berilmeginiň adalatly bolmagy üçin eser baş sanawa goşulanda eminleriň ýarysyndan köpüsi razylyk bermeli, baýragyň berilmegi üçin bolsa eminleriň üçden iki böleginiň razylygy gerek. Düşünişmezligiň bolmazlygy üçin eserler saýlanylanda açyk ses berilýär.

## Baýragyň taryhy
## Ilkinji baýrak

Ilkinji baýrak gowşurmak dabarasy ýokary derejede geçipdir. Birinjiden, dabaranyň özi Pekindäki Halk ýygnaklary öýünde geçirilipdir. Ikinjiden, eminler toparynyň başlygy Mao Dunuň yzyndan soň Hytaý ýazyjylar bileleşiginiň başlygy wezipesine geçen adam – Ba Szin bolupdyr. Üçünjiden, eminler toparynyň agzalary zenan ýazyjy Din Lin, ýazyjy we edebiýaty öwrenip Fen Çži, şahyr Aý Sin, ýazyjy Lýu Baýýuý, ýazyjy Ouýan Şan, zenan ýazyjy Weý Szýuni, köpsanly neşirleriň redaktory weýazyjy Kun Lusin, edebi tankytçy Fen MU, ýazyjy Çžan Guannýan, ýazyjy we tankytçy Çen Sisýa, ýazyjy we edebiýat öwreniji Çen Huanmeý, şeýle-de ýazyjylar Se Ýunwan, Fei Fuszýan we Çži Heszin bolupdyrlar.

Alty ýazyjy baýraga eýe bolupdyrlar.

1.**Weý Weýiň “Gündogar” (“Dunfan”) romany**.

Eserde 50-nji ýyllaryň başlaryndaky wakalar görkezilen, hytaý daýhanlarynyň durmuşy we koreý urşy. Ýazyjy koreý halkynyň ABŞ-nyň çozuşyna garşy göreşinde gazanan ýeňşine uly ähmiýet berýär. Eseriň esasynda – hytaýlylaryň bir toparynyň koreý daýhanlaryna öz hukuklaryny goramakda meýletin kömek bermegi, şeýle-de ýazyjy koreý obalarynyň garyplygy, baýlaryň edýän zulmy, basypalyjylaryň eden-etdiligi meselelerine ýüzlenýär. Kitapda watançylyk we gahrymançylyk duýgulary eriş-argaç bolup geçýär.

**2. Čžan Ketsiniň “Sýuý Mao we onuň gyzlary” romany.**

Medeniýet öwrülişigi döwründe oba durmuşynyň kynçylygy barada ýazylan romanyň esasy gürrüňi Sýuý Maonyň maşgalasy barada gidýär. Bu

maşgala Syçnan welaýatynyň daş ýerde ýerleşen obalarynyň birinde ýaşaýar.Ýazyjy 70-nji ýyllaryň oba üçin heläkçilikli wakalaryny görkezmäge çalyşýar: açlyk, daýhançylygyň gowşamagy, ýerli ilatyň däp-dessurlarynyň ýok edilmegi. Ýagdaý çylşyrymly we kyn bolsa-da romanda bagty geljege, ähli zat gowy tarapa üýtgemegine umyt bar, başgaça bolmagy asla mümkin däl.

**3. Li Goweniň "Gyz ortasynda ýaz" ("Duntýan li de çuntýan") romany.**

Li Gowen bir adamyň durmuş ýoluny gürrüň berýär. Ol aslynda Hytaýyň taryhy – ol çylşyrymly kyrkýyllyk ýoly geçýär: ýaponlara garşy göreşi, urşy, HHR-nyň döremegini, Medeniýet öwrülişigini başdan geçirýär. Bu taryhy wakalaryň her biri onuň göwnünde öz ýaraly yzyny galdyrýar, emma ol ýaşamagyny dowam edýär. Ýazyjy okyjylara bitertip ýatlamalaryň ýumagyny berýär, ol ýumakdan bir ýatlamanyň ujyny çekseň hökman yzyndan ikinjisi hem çykýar.

**4. Mo Infeniň "General çagyryşy" ("Szýanszýun in") romany.**

Bu romanda ýazyjy üç generalyň Medeniýet öwrülişigi döwründäki ykbalyna ýüzlenýär. Eger Çžo Ketsin "Sýuý Mao we onuň gyzlary" romanynda paýtagtdan uzakdaky obalary görkezen bolsa, onda Mo Infen paýtagtyň durmuşyny görkezýär. Ol bütin Hytaýa uruşlardan we rewolýusiýalardan geçen güýçli we gaýduwsyz generallaryň gynalyşyny we masgara edilişini, ýakyn ýoldaşlarynyň duşman bolşuny görkezýär we romanda eýýäm hiç kim iň aňsat soraglara – kim gahryman? We kim dönük? Diýen soraglara jogap berip bilenok.

**5.Gu Huanyň "Lotos gülleri jülgesinde" romany.**

Ýazyjy  1963-nji we 1979-njy ýyllar aralygynda Hytaýyň günorta welaýatlarynyň ýagdaýyny görkezýär. Täze döwletiň çylşyrymly syýasy we ykdysady ýagdaýy has hem obalarda bilnipdir. Gu Hua Hytaýyň  okap bilýän ilatyna bu aňsat geçmedik on bäş ýylyň içinde garyp hytaý obalarynyň ahwalyny görkezýär. Bu eser örän ýokary bahalara eýe bolýar, 1986-njy ýylda ony rus diline Wladimir Iwanowiç Semanow terjime edýär (Gu Hua "Lotos gülleri jülgesinde" M, 1986)

**6.Ýao Sýueiniň "Li Szyçen" romanynyň ikinji bölümi bilen.**

Ýao Sýuein öz romanynda Min nesilşalygynyň ahyrky günlerini we daýhanlar urşyny görkezýär. Eseriň esasy gahrymany – daýhanlaryň baştutanlarynyň biri we onuň göreşi. Ýazyjy eserde bolan wakalary taryhy taýdan dogryçyl suratlandyrmak bilen halkyň göreşiniň belent ideallary arasynda deňagramlylygy saklap bilipdir. Özüniň köp tomly eserinde ol möhüm soraglara jogap berip bilipdir. Daýhanlaryň gozgalaňy nameden gelip çykýar we gozgalaňçylaryň maksady näme bolupdyr. Bellemeli zat, romanyň özi bäş bölümden ybarat bolup, onuň birinji bölümine Mao Szedun ýokary baha beripdir.

Mao Dunuň birinji edebiýat baýragynyň jemini jemlände, bellemeli zat, ol Medeniýet öwrülişiginden soňky ilkinji ýyllara gabat gelipdir. "Ýaralaryň edebiýaty" uly meşhurlyga eýe bolýar, onuň ornyna "geçenler baradaky oýlanmalar edebiýaty" gelýär. Medeniýet öwrülişigine we başga köp taryhy wakalara başgaça düşünilip başlanýar. Bu baýragyň eýeleriniň romanlary diňe bir şol döwrüň edebiýatynyň iň gowy nusgalary bolman, eýsem şol wagt hytaý jemgyýetindebolup geçýän wakalary dolulygyna görkezipdir.

## 1985-nji ýylda berlen Mao Dun adyndaky edebiýat baýragy

Eminler toparynyň düzümi on dört adamdan on sekiz adama çenli köpelýär, başga bir tarapdan bolsa ol ep-esli täzelenipdir, öňki eminler diňe alty sanysy 1985-nji ýylyň saýlaw toparynda galýar- Din Lin Çžan Guanýan, Fen Mu, Lýu Baýýuý, Çen Huammeý we Se Ýuanwan . Galan on iki ýeri bolsa ýaş ýazyjylar we tankytçylar eýeläpdirler. Užeertu, Sýuý Szýuemin, Çžu Çžaý, Lu Wenfu, Çen Ýun, Lin Mohan, Hu Tsaý, Tan In, Gu Sýan, Huan Sýuýun, Kan Çžo we Şa Hua.

**1. Li Çžuniň iki bölümden ybarat "Huanhe gündogara tarap akýar" ("Huanhe dun lýutsuý") romany.**

Romanda ýapon goşunynyň 1938-nji ýylda çozup girmekleri we HHR-sy döredilýänça Henan, Szýansu we Anhoý welaýatlarynda on ýylyň içinde bolan wakalar barada gürrüň berýär. Ýazyjy diňe bir daýhanlaryň ýaşaýşynyň kynçylyklary – ýaponlaryň çozuşy, uruş döwrüniň horluklary, heläkçilikli suw daşgyny we açlyk barad gürrüň bermän eýsem okyjylary ýerli ýaşaýşyň düýbünden başgaça däp-dessurlarybilen tanyş edýär.

Li Çžun dil ýaly çeperçilik serişdesine uly üns beripdir. Bir tarapdan, romanyň dili sada we adaty – köp babatda şol ýerleriň şiwesine daýanýar. Başga bir tarapdan, köp tankytçylar ýazaryň ýokary ussatlygyny belläp, beýan edilişiniň inçeligini we ýeňilligine hem üns beripdirler. Şularyň özi Lu Çžuna ýerli ýaşaýjylaryň dogruçyl keşplerini döredip, okyjyda edil olar bilen bolan ýaly täsir galdyrýar.

"Huanhe gündogara tarap akýar" uly meşhurlyga eýe bolýar – roman birnäçe gezek çap edilipdir. Ondan başga-da bu roman çap edilende bezelişine uly üns berlen häzirki zaman hytaý edebiýatynyň az sanly

kitaplarynyň biri: ýörite şu roman üçin döredilen suratlaryň üç toplumy bar-olaryň hemmesi her hili stilde edilen, emma her biri-de ýokary baha mynasyp boldy. Bellemeli zat 90-njy ýyllarda roman boýunça teleserial surata düşürilen.

**2.Çžan Tszeniň "Agyr ganatlar" ("Çençžun de çiban") romany**

Zenan ýazyjy Çan Tsze Mao Dun adyndaky baýragy alan ilkinji zenan boldy, ondan başga-da ol bu baýragy iki gezek aldy. (ikinji gezek 2005-nji ýylda "Sözsüz"("Utszy")romany üçin). "Agyr ganatlar" romanynda ol ykdysady özgertmeler we hytaý jemgyýetiniň täzelenmegi meselelerini gozgaýar. Ýazyjy diňe sosial we ykdysady meseleleri däl-de, gahrymanlaryň şahsy gaýgy-hasratlaryna, olaryň durmuş pelsepesine, maşgaladaky we işdäki gatnaşyklaryna-da üns berýär. Ýazyjy zenan maglumatlara uly hormat goýup, 70-80-nji ýyllaryň sepgidinde bolup geçen wakalary dolulygyna diýen ýaly görkezmegi başarýar.Ol sosial toparlaryň ählisiniň diýen ýaly durmuşyny görkezýär we ondan başga-da ol öz gahrymanlarynyň ýurtda bolup geçýän gatnaşygyny şöhlelendirmegi, olaryň ähmiýetini şygarlaryň üsti bilen däl-de hereketler, sözler we piirler arkaly bildirmegi başarypdyr. Onuň romanynda köp meseleler: ykdysadyýet, syýasat, filosofiýa, etika, folklor, edebiýat we sungat meselelerigozgalyp geçilýär.

1989-njy ýylda romany Wladimir Iwanowiç Semanow rus diline terjime edýär. (Çžan Tsze "Agyr ganatlar" (W.I.Semanowyň terjimesinden ) M; "Raduga" 1989ý)

**3. Lýu Sinu "Jaň we deprek minarasy" ("Çžungulan"/ sowet-rus edebiýatynda "Deprek minarasy" diýip atlandyrylýar).**

1984-nji ýylda “Ýaralar edebiýatynyň” düýbüni tutujylaryň biri Lýu Sini okyjylara özüniň ilkinji romanyny-“Jaň we deprek minarasy” romanyny hödür edýär. Ýazyjy özüniň realistik beýan ediş usulyndan dänmeýär, hatda roman bolup geçen wakalara esaslanan we şaýatlaryň kömeginde ýazylan diýen pikir hem bar. Hiç bolmanda Lýu Sinunyň özi okyjyny şoňa ynandyrmak üçin elinden baryny edýär. Ýazyjy Pekiniň 80-nji ýyllaryň başlaryndaky durmuş barada gürrüň berýär. Eserde köp sanly dürli-dürli gahrymanlar bar-göýä ýazyjy ähli sosial toparlara degişli pekin ýaşaýjylarynyň durmuşyny aýdyň görkezmegi maksat edinen ýaly.

Ähli wakalar bir gäminiň içinde bolýar, emma ýazar olary şeýle bir düzýär welin, okyjy şäherde bolup geçen sähelçe üýtgeşmeleri hem görýär.Bir gün aýa, ýyla, asyra öwrülýär, emma Pekin özüniň ajaýyplygyny ýitirmeýär. Jaň we deprek minarasy bolsa heniz hem hellewläp görünýär.

Kiçijik romanda Lýu Sini paýtagt şäheriniň nusgasyny döredip bilýär, onuň durmuşynyň köp taraplaryny görkezmegi başarýar, beýan edilişiniň inçeligi bolsa eseriň häzire çenli aktuallygyny ýitirmezligine kömek edýär. Ýany-ýakynda romanyň esasynda uly meşhurlyga eýe bolan teleserial surata düşürildi.

Mao Dunuň ikinji edebiýat baýragy birinjisine seredende kemräk syýasata ýugrulandyr. Eserlerde öňküsi ýaly möhüm syýasy we sosial meselelergozgalsa-da, eminler toparynyň hem, okyjylaryň hem ideologiýa taýdan durnukly eserler däl-de, aktual, bar bolan meseleler gozgalýan eserler bilen gyzyklanýandyklaryny  görmek bolar.Ondan başga-da, indi diňe bir ideýa mazmunyna däl-de, çeperçiligine-de uly üns berilýärdi. Estetiki nukdaýnazardan gowşak bolan “Ýaralar edebiýaty” we “Geçenler

barada oýlanmalar edebiýaty”öz orunlaryny has köpräk ösen edebi ugurlar berdiler.

## 1991-nji ýylyň Mao Dun adyndaky edebiýat baýragy

1991-nji ýylda Mao Dun adyndaky baýragyň üçünji gowşurylyş dabarasy bolup geçdi. Ýyldan-ýyla baýrak berýän toparyň agzalary hökmünde ýazyjylar, tankytçylar, edebiýaty öwrenijiler we ýokary derejeli neşirýatçylar saýlanylýar. 1991-nji ýylda hem edil şeýle boldy. On alty sany öz işiniň ussatlary: Din Lin,Ma Fen, Lýu Baýýuý, Fen Mu, Çžu Çžaý, Szýan Sýaotýan, Li Sifan, Mala Sinfu, Men Weýszaý, Çen Huanneý, Çen Ýun, Hu Şiýan, Ýuan In, Kan Çžo, Han Žuýtin we Tsaý Kuý 1985-nji we 1988-nji ýyllar aralygynda ýazylan haýsy eserler abraýly edebiýat baýragyny almaga mynasyplygyny kesgitlemek üçin bir ýere ýygnandylar.Emma bu baýrak gowşurmak dabarasynda bir erbet pursat bolupdyr - syrkawlan  Ba Tszin gelip bilmändir. Şeýlelikde eminler topary ýolbaşçysyz galypdyr. Şeýle bolsa-da 1991-nji ýylyň 30-njy martynda Halk ýygnaklar öýünde, Pekinde Mao Dun adyndaky edebiýat baýragynyň üçünjisiniň gowşurylyş dabarasy bolup geçýär.

1991-nji ýylda baýraga alty ýazyjy eýe bolýar. Ondan başga-da, ýene iki goşmaça baýrak berilýär.

**1. Ho Danyň “Musulmanyň jaýlanyşy” (“Musylin de tszanli”) romany.** Roman musulmanlaryň häzirki zaman hytaý jemgyýetiniň uýgunlaşmagy, olaryň öz medenýetiniň, däp-dessurlarynyň üýtgemegi meselelerine bagyşlanan. Bularyň ählisi bir musulman maşgalanyň üç nesliniň taryhy mysalynda görkezilýär. Romanyň sahypalarynda Ho Da soňky altmyş

ýyllaryň netijesinde musulmanlaryň durmuşynda bolup geçen medeni şikesleriň we göwnüçökgünligiň netijelerini görkezmäge çalşypdyr. Bu eser milli azlyk wekili tarapyndan ýazylyp, Mao Dun adyndaky edebiýat baýragyna eýe bolan ilkinji eser çap edilenden soň uzak wagtyň dowamynda ol hytaý dilinde ýazylan geçginli kitaplaryň sanawynda galypdyr. Ol esasy ýewropa dillerine terjime edilipdir we umuman alaňda köp daşary ýurt tankytçylaryň gowy bahasyna mynasyp boldy. 1993-nji ýylda roman esasynda film surat düşürilýär.

**2.Lu Ýao we "Adaty dünýä" ("Pinfan dew Şitsze") romany**

Özüniň üç bölümli "Adaty dünýä" romanynda Lu Ýao okyjylara adaty adamlaryň adaty dünýädäki durmuşyny görkezýär. Onuň romanynda gahryman adamlar hem ýok, erbet adamlar hem ýok. Diňe gapma-garşylyklaryň uzyn hatary bar. Şäher we oba, garyplar we ýeňillikden peýdalanýan emeldarlar, zähmet we söýgi, ahmyr we şatlyk, gündelik durmuş we uly sosial özgertmeler. Iň täze hytaý taryhynyň soňky onýyllygynyň wakalary olary millionlarça adam gören ýaly suratlandyrylan we şonuň üçin eserdäki esasy gapma-garşylyk öňe, ynamly gadam basýan adamzat taryhy we ýönekeý adamyň sadaja ýaşaýşy arasynda bolup geçýär.

**3.Lýu Baýýuý we "Ikinji güneşi"("Di er ge taýýan") romany**

Roman hytaýýň halk azat edijilik goşunynyň 1949-njy ýyldaky göreşine bagyşlanan. Eseriň esasy temasy – Hunan welaýatyndaky uruş hereketleri we Uhan üçin uruş. Ýörişleriň kynlygy, duşmanyň mekirligi, gan döküşikli söweşleri, uruş sebäpli bozulan maşgalalar we hem süýji, hem ajy ýeňiş. Romanyň ahyrynda baş gahrymany HHR-y yglan etmek dabarasyna gatnaşmak üçin Pekine çagyrýarlar – ine, ol "Ikinji güneş ". Bellemeli zat, Lýu Baýýuý şol bir wagtyň özünde eminler toparynyň agzasy hem bolan...

**4.Lin Li “Ýaş imperator” (“Şaonýan týanszy”) romany**

Zenan ýazyjy Lin Liniň “Ýaş imperator” romany Tsin nesilşalygynyň imperatory Fuliniň durmuşyna bagyşlanan. Şol imperatoryň döwründe Min imperiýasy gutarnykly dargaýar, Li Szyçen başlyklaýyn gozgalaňçy daýhanlar boýun egdirilipdir, manžurlaryň “Sekiz tugly goşuny” Pekini basyp alýar, onuň ýaşaýjylary Tsin imperiýasynyň raýatlygyny kabul edýänliginiň nyşany hökmünde saçyny syrypdyrlar. Bu çaganyň imperator bolşy hakynda hekaýa – onuň ulalmagy, syýasy hileleriň, ykdysady gymmatlyklaryň, söweş sungatynyň syrlaryna ýetmegi baradadyr. Roman ýokary bahalara mynasyp bolupdyr we hytaý dilindäki iň gowy taryhy romanlaryň biri diýlip tanalypdyr. 2003-nji ýylda romanyň esasynda kyrk seriýaly serial düşürildi we uly üstünlik gazandy.

**5. Sun Li we Ýuý Sýaohoý “Şäheriň özüne çekiji güýji” (“Duşi Fenlýu”) atly bilelikdäki işi.**

Özleriniň bilelikde ýazan romanynda Sun LI we Ýuý Sýaohoý okyjylara adaty şäheriň durmuşyndan wakalary hödür edýärler. Üns merkezinde şahsy gatnaşyklar we durmuşy ýagdaýlar: salgytlar, köçedäki ýagdaýlar, öý-jaý meseleleri, birtopar ýolbaşçylar, olaryň orunbasarlary we kätipleri arasyndaky ýagdaýlar barada. Her kimiň öz taryhy, özüniň ýörelgeleri, edil şeýle hereket etmeginiň öz sebäpleri bar. Bularynyň barynyň üstesine hem çylşyrymly – Medeniýet öwrülişi, ondan soňky ýagdaý, yzarlamalar we özgertmeler bolupdyr. Ýazyjylar çylşyrymly psihologik romany ýazmagyň hötdesinden gelipdirler.

**6. Sýao Ke “Luosýao dagyndaky gan” (“Ýuýsýue lo sýao”) romany bilen (goşmaça baýrak)**

General Sýao Ke özüniň romanynda 1933-nji ýylda halkyň ýapon basybalyjylaryna garşy göreşini görkezipdir. Bu eseriň şeýle temaly başga eserlerden tapawutlandyrýan aýratynlygy bu awtoryň saýlap alan realistik ýazylyş usulydyr. Ol urşy gahrymançylyk etmek üçin sahna görnüşinde däl-de, her günki agyr iş hökmünde suratlandyrypdyr. Beýle gapma-garşylykly düşündiriliş Sýao Ke üçin Mao Dunuň baýragyny alyp berdi we tankytçylar bilen ýaşuly nesliň wekilleri tarapyndan dürlüçe bahalandy.

**7.Sýuý Sine we "Döwülen altyn käse" ("Szinon tsýue") romany (goşmaça baýrak)**

Roman  XIII asyrda Sun, Lýao we Szin döwletleri arasynda bolup geçen urşa bagyşlanan. Eser taryhy romany ýazmagyň ähli kadalaryna laýyklykda ýazylan, diýmek, ol syýasy hileleri, harby hereketleri we halkyň azabyny öz içine alýar.  Bu žanryň beýleki wekillerinden berlen roman hakyky taryhy maglumatlaryň aýawly ulanylandygy we toslamalaryň ussatlyk bilen goşulandygy bilen tapawutlanýar. Ondan başga-da, roman üçin HHR-nyň döredilmeginiň  kyrkýyllygy mynasybetli Şanhaýyň hökümeti sylag beripdir. Sýuý Sine özünden soň birnäçe eser galdyrandygyna seretmezden, hytaý okyjylarynyň köpüsi üçin ol bir romanyň ýazary bolup galýar.

**1997-nji ýylyň Mao Dun adyndaky edebiýat baýragy**

Dördünji  baýragyň  gowşurylyş dabarasy Halk ýygnaklar öýünde, Pekinde 1998-nji ýylyň aprelinde bolup geçdi, ýagny, üçünji baýrak berlenden ýedi ýyl geçenden soň boldy.

Dördünji baýragyň eminler toparynyň ýolbaşçysy Hytaý ýazyjylar bileleşiginiň başlygy Ba Szin boldy. Eminler toparynyň düzümi 22 agza boldy: Lýu Baýýuý, Çen Çanben, Din Nin, Lýu Ýuýşan, Szýan Sýaotýan,

Çžu Çžaý, Den Ýumeý, Çen Ýun, Li Sifan, Çen Szýanong, Çžen Bonun, Ýuan In, Gu Sýan, Tan Daçen, Go Ýunge, Se Ýunwan, Han Žuýtin, Tsen Çžennan, Leý Da, Ýun Wenlua, Tsaý Kuý we Weý Weý.1989-njy we 1994-nji ýyllaryň aralygynda ýazylan köpsanly romanlardan diňe dördüsi saýlanyp alyndy: Çen Çžunşiniň "Ak keýigiň düzlügi", Wan Honyň "Uruş we adamlar", Lýu Syfeniň "Söwüdiň ak derwezesi" we Lýu Ýuýminiň "Güýzüň gazaby". Şeýle netijeler, sekiz sany ýeňijisi bolan üçünji baýrakdan soň kanagatlanarlydan hem pes görünýär. Emma şeýle bolsa-da, baýrag eýe bolan romanlar bilen tanşalyň:

**1. Çen Çžunşi we "Ak keýigiň düzlügi" ("Baýluýuan") romany.**

1993-nji ýylda Çen Çžunşi okyjylara häzire çenli iň geçginli kitaplaryň sanawynda bolan eseri hödür etdi. Bu eseri ürç edip okaýarlar, ony sahnada goýýarlar, ol boýunça film surata düşürýärler. Roman-epopeýa hytaý obasynyň elli ýyllyk taryhyny bir maşgalanyň mysalynda görkezýär: rewolýusiýa, ýapon basybalyjylary, bulagaýlyk, üçýyllyk uruş, täze döwletiň döremegi, täze düzgün tertipsizligi. Daş-töwerekdäki hakykat maşgalanyň arzuwlaryny çym-pytrak edýär we alty sany toý, alty sany ýasa öwrülýär – bu elhenç, özüne çekiji, ähli zady öz içine alyjy, täze döwrüň romany. Ony birnäçe gezek häzirki zaman hytaý edebiýatynyň altmyş ýyllyk taryhynyň iň ýokary derjesi diýip atlandyrypdyrlar.

**2. Wan Ho we "Uruş we adamlar" ("Çžançžen he žen") romany.**

Bu roman, belkem, Mao Dun adyndaky edebiýat baýragy berlen romanlaryň içinde iň "ýyldyzlysy" bolsa gerek. Mao Dun adyndaky baýrakdan başga ol Halk edebiýat baýragynda (1986-1994) birinji ýere eýe bolýar.Ikinji milli edebiýat baýragynyň eýesi bolýar, sekizinji bäşýyllygyň iň gowy romany diýip tapylýar.Roman şeýle üns berilmeginiň sebäbi, ýazar

gyzykly gürrüň, ýokary estetiki standart we eseriň çuň watansöýüjiligi arasynda deňagramlylygy saklap bilipdir. “Uruş we adamlar” çap edilen pursadyndan başlap ýaşlary watançylyk ruhunda terbiýelemek üçin ulanylýar.

Roman üç bölümden ybarat bolup, olar öz aralarynda bagly bolsalar-da, özbaşdak edebi eserler hökmünde çykyş edip bilýärler. Olarda ýapon basybalyjylara garşylyk görkezilen döwrüň wakalary, şeýle-de Gominadanyň we HKP-nyň syýasy programmalaryň durmuşa geçirilmeginiň netijeleri suratlandyrylýar.

**3. Lýu Syfen we “Söwüdiň ak derwezesi”(“Baýmenlýu”)**

Bellemeli zat, Lýu Syfeniň üç tomluk romanynyň diňe ilkinji iki tomy Mao Dun adyndaky baýarag eýe boldy. Roman soňky milli Min nesilşalygynyň dargamagy baradadyr. Esasy ünsi ýazar imperiýasynyň synmagynyň daşky sebäplerine däl-de, içki sebäplerine berýär.Ol dykgat bilen köşküň hilelerini, soňky imperatoryň tagty üçin toparlaryň göreşini görkezýär, hemme taryhy şahsyýetleriň suratlaryny jikme-jik suratlandyrýar. Mao Dun adyndaky baýragy alan beýleki taryhy romanlar ýaly “Söwüdiň ak derwezesinde” bolup geçen taryhy wakalary seresaplylyk bilen ulanyp, toslamalary inçelik bilen goşulypdyr.

**4. Lýu Ýuýmin we “Güýzüň gazaby”(“Sowdun çži tsýu”)**

Lyu Ýuýmin öz romanynda obalardaky çylşyrymly ykdysady özgertmeleriň meselesini agzaýar. Baş gahryman Ýul Pençen-işewür daýhanlaryň biri bolup durýar. Ol täze ideýalardan doly, emma entek köne dünýäniň gymmatlyklaryndan doly geçip bilenok. Şol ynamsyzlygy sebäpli ol iki dünýäniň arasynda “ýesir galýar”-ol kakasy bilen düşünişip bilenok, emma oglunyň goldawyna-da tama edip bilenok. Ýu Pençen maşgala

oňşuksyzlygy we hojalygyny özgertmegiň arasynda iki ýana urunýar. Bu roman çalt özgerýän Hytaýda hemişeki “Atalar we ogullar” urşunyň täzeçe görnüşini berdi.

## 2000-nji ýylyň Mao Dun adyndaky baýragy

2000-nji ýylyň 11-nji noýabrda Hytaýyň iň abraýly baýraklarynyň biri – Mao Dun adyndaky baýragyň bäşinji gowşurylyş dabarasy boldy. Öňkilerinden onuň tapawutly ýeri, ol ilkinji gezek Pekindäki Halk maslahaty öýünde däl-de, özüniň ýurdunda – Çženszýan welaýatynda geçdi.
Ondan başgada, ilkinji gezek baýrak beriji toparyň agzalarynyň anyk sany kesgitlendi - 21 adam. Başlygyň wezipesini däp boýunça Hytaý ýazyjylar bileleşiginiň başlygy Ba Szin eýeläpdi, emma şol pursat hytaý edebiýatynyň uzak ýaşan wekiline eýýäm 95 ýaş dolupdy, şonuň üçin onuň ýanynda üç sany orunbasar wezipesi döredildi. Olary Çžan Tse, Den Ýuneý, Çžan Szýun eýelediler. Eminler toparynyň agzalary meşhur ýazyjylar we tankytçylar Din Çženhaý, Ma Çženfan, Mala Tsinfu, Ýan Szýaýan, Li Sifan, Li Gowen, Ýan Çžitszin, U Binsze, Lu Wenlin, Çen Szýangun, Çžen Bonun, Ke Ýan, Lin Li, Ýan Gan, Tsen Çžennan, Leý Da we Tsaý Kuý.
2000-nji ýylda emin agzalar 1995-nji we 1998-nji ýyllar aralygynda ýazylan bary-yogy dört sany eseri saýlap aldylar.
**1.A. Laý “Tozan siňenden soň” (“Çen aý lo din”)**
Tibetli A Laý okyjylara gapma-garşylykly we çylşyrymly eser hödür etdi. Bu başgalardan tapawutlanýan, mydama daş-töwerekdäki dünýä çykýan

adam hakda eser. Ýazar öz ene ýurdunyň tebigatyna, däp-dessuryna uly üns beripdir. Ýordumyndan başga okyjylary we emin agzalary kitabyň diliniň çeperçiligi we ýokary derejeli şahyranalygy özüne çekdi. Ýazyjy Lýu Szýanweý A Laýa edebiýat boýunça Nobel baýragyny aljakdygyny ynam bilen aýtdy, köp emin agzalar hem onuň pikirine goşuldylar, emma HKP-sy bilen ylalaşykly ýaşaýan tibetli hatda baş sanawa-da girip bilmedi. Emma Hytaýyň özünde kitap häzire çenli hemmäniň söýýän kitaby-ony telim gezek sahnada goýdylar we hatda serial surata düşürildi.

**2.Wan Anýi "Baky hasrat barada aýdym" ("Čžan hen ge")**

Bu romany Wan Anýiniň döredijiliginiň çür depesi diýip atlandyrypdyrlar. Bu romana bir aýalyň durmuşy-kyrk ýyl sygdyrylan. Kitap 40-njy ýyllardan başlanýar. Onda baş gahryman entek mekdep okuwçysyka "Şanhaý gözeli" bolýar. 80-nji ýyllarda ony pul üçin öz gyzynyň synpdaşlary öldürýär. Bu bir aýalyň durmuş ýoly, şol bir wagtyň özünde bütin şäheriň, döwletiň we hat-da bütin dünýäniň taryhy yzda galyp gidýär. Bu çuňňur psihologik eser häzire çenli iň geçginli kitaplaryň sanawynda, ol köp daşary ýurt dillerine terjime edilen we eýýäm "täze klassika"diýip atlandyrylýar.

**3. Čžan Pin "Saýlamak" ("Szýuesze")**

Mao Dunuň hiç bir baýrak berlişi sosial romansyz geçmeýär. 2000-nji ýylda Čžan Piniň "Saýlamak" romany şeýle roman boldy. Kitabyň baş gahrymany – täze saýlanan häkim LI Gaoçen jenaýatçylykly ylalaşyga şärik bolup galýar.Gizlin derňew geçirilende onuň garyndaşlary, dostlary, işgärleri we öňki ýolbaşçylary döwletiň býujetini sarplamaga gatnaşýandyklaryny bilmeýär. Häkim iki ortada galýar – hemme zat barada

ýokardaky ýolbaşçylara aýtmalymy ýa-da şärik bolmalymy. Üns berilýän zat baş gahrymanyň göwün azaplary.

**4. Wan Sýuýfen "Çaý adamlary" ("Çažen")**

Edebiýat baýragyny Wan Sýuýfeniň üç tomly "Çaý adamlary" eseriniň ilkinji iki tomy aldy. Romanyň ýazary öüniň okyjylaryna hytaý medenýetine çaý däp-dessurlary kömeginde seretmegi teklip etýär. Hançžandaky maşgalanyň üç nesli köp bagtly pursatlary-da, agyr pursatlary-da başdan geçirýär, emma bilelikde galmagy başarýarlar.Sebäbi olar özlerinde hytaý medenýetiniň özenini, şol sanda-da çaý medenýetini gorap saklaýardylar. Romanda özgerýän Hytaý üçin medeni özboluşlylygynyň, geçmişiň alamatlaryny gorap saklamagyň möhüm meseleleri gozgalýar.

## Netije

Islendik halk bilen ỳakyndan tanyşmagyň, dostlaşmagyň, onuň bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ỳola goỳmagyń ilkinji şerti şol döwletiń dilini, medeniỳetini, däp-dessuryny we taryhyny çuńńur öwrenmekdir. Şu maksat bilen hem mähriban Prezidentimiziń óńdengörüjilikli we ynsanperwer syỳasty netijesinde Türkmenistan watanymyz dünýä arenasynda dostlugyñ hem parahatçylyk ugrunda göreşiji hökmünde tanalýar. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Hormatly Prezidentimiziń "Döwlet adam üçindir" diỳip öńe süren ynsanperwer şygaryndan ugur alyp, Türkmenistany döwleti dünỳä döwletleri bilen dostlukly, özara bähbitli hyzmatdaşlyk alyp barỳar. Türkmenistan döwletimizi özüniń ygtybarly hyzmatdaşy hasaplaỳan döwleteriń biri hem Hytaý döwletidir.

Adamzat siwilizasiýasynyň gadymy köklerine eýe bolan we özboluşly medeniýetini saklap, şu günlere alyp gelen hytaý halky adamlarda aýratyn duýgulary döredýär. Hytaý halky öz gadymy milli däplerine, söýgi hormatyny ýitiren däldir - diýsek ýalňyşmasak gerek. Meşhur hytaý gap-gaçlarynda, owadan farfor wazalarda şekillendirlen belent bagly daglaram, okgunly derýalaram, şaly meýdanlaram, günorta çaýynyň ýapraklaram şol söýgüden habar berýär. Bularyň bary biziň halkymyzyňam kalbyna ýakyn zatlardyr.

Ýyllyk işimi ýazmak üçin, yzygiderli kitaphana gatnap, degişli edbiýatlardan peýdalandym.

Gündogar ýurtlarynyń taryhy adamzat taryhynyń esasy bölegi bolmak bilen, ol Ýewropa döwletleriniñ taryhy bilen berk baglanyşyklydyr.

Alynky Aziỳa, aỳratyn hem, Hytaý döwletiniń ỳerleşỳän ỳeri hemişe Günbatar döwletleriniñ ünsüni özüne çekipdir.

Şu ỳyllyk işimde beỳan eden maglumatlarymHytaýyňedebiýatyny, ýazyjylaryny öwrenmekde az kem täzelik bolar diỳip umyt edỳärin.

Olaryň içinde Türkmenistan – Hytaý gatnaşyklary baradaky materiallar, gazet žurnal maglumatlary, hytaý we türkmen alymlarynyň ýazan işleri we Türkmenistanyň Prezidentiniň çykyşlarydyr,  eserleri bar.

## Peýdalanylan edebiýatlar.


1. Berdimuhammedow G. Türkmenistanda saglygy goraýyşy ösdürmegiň ylmy esaslary.-A.,2007.
2. Berdimuhammedow G. Türkmenistanyň Beýik galkynyş eýýäminiň konstitusiýasy hakynda.-A.,2008
3. Gurbanguly Berdimuhammedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy.-A.,2008
4. Türkmenistanyň Prezidenti G.M.Berdimuhammedowyň ýurdy täzeden Galkyndyrmak baradaky syýasaty. Gurbanguly Berdimuhammedow Garaşsyzlyga guwanmak Watany, halky söýmek bagtydyr.-A.,2008.
5. Berdimuhammedow G. Ösüşiň täze beletligine tarap. Saýlanan eserler.T.1.-A.-A.,2008.
6. Berdimuhammedow G. Ösüşiň täze beletligine tarap. Saýlanan eserler.T.2.-A.-A.,2008.
7. Berdimuhammedow G. Ösüşiň täze beletligine tarap. Saýlanan eserler.T.3.-A.-A.,2008
8. Berdimuhammedow G. Ösüşiň täze beletligine tarap. Saýlanan eserler.T.4.-A.,2011.
9. Бердимухаммедов Г. К новым высотам прогресса. Избранное произведения. Т.1.-А.,2009
10. Бердымухаммедов Г. К новым высотам Прогресса, Избранные произведения.
11. Бердимухаммедов Г. К новым высотам прогресса. Избранное произведения. Т.3.-А.,2010

12.Бердимухаммедов Г. К новым высотам прогресса. Избранное произведения. Т.4.-А.,2011
13.GurbangulyBerdimuhamedov To new heights of progress. Selekted works..(Ösüşiňtäzebelentlilerinetarap).V.1.-A.,2010.
14.GurbangulyBerdimuhamedov To new heights of progress. Selekted works..(Ösüşiňtäzebelentlilerinetarap).V.2.-A.,2009
15.GurbangulyBerdimuhamedov To new heights of progress. Selekted works..(Ösüşiňtäzebelentlilerinetarap).V.3.-A.,2010.
16.GurbangulyBerdimuhamedov To new heights of progress. Selekted works.(Ösüşiňtäzebelentlilerinetarap).V.4.-A.,2011
17.Berdimuhammedow G. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. T.II.-A.,2010.
18. Berdimuhammedow G. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. T.III.-A.,2010.
19.Бердимухаммедов Г. Лекарственные растения Туркменистана.Т.II.-А.,2010
20.Berdimuhamedov G. Medicinal plants of Turkmenistan. (Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri iňlis dillerinde) II tom.-A.,2010.
21. Gurbanguly Berdimuhammedow Türkmenistanyň durmuş - ykdysady ösüşiň döwlet kadalaşdyrylşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom.-A.,2010.
22. Gurbanguly Berdimuhammedow Türkmenistanyň durmuş - ykdysady ösüşiň döwlet kadalaşdyrylşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. II tom.-A.,2010.
23. Berdimuhammedow G. Ahalteke bedewi – buýsanjymyz we şöhratymyz.-A.,2009.

24. Berdimuhammedow G. Türkmenistan – melhemler mekany (Türkmenistanyň 20 ýyllygyna bagyşlanýar).-A.,2011.
25. Бердимухаммедов Г. Туркменистан – край исцелений.(Türkmenistan melhemler mekany).-A.,2011
26. Berdimuhammedov G. Turkmenistan – Resort country.(Türkmenisan melhemler mekany).-A.,2011.
27. Gurbanguly Berdimuhammedow. Eserler ýygyndysy. 1-nji tom.-A.,2007.
28. Туркменистан – Китай. Сборник документов и материалов. Пекин, 1999 г.
29. Советская историческая энциклопедия. Т. 13 стр. 1001-1002.
30. Бабков А.Г. Территория Туркменистана по предстовлением ученых древности. Ашхабад, 1991 г.
31. Росляков А.А. Краткий очерк истории Туркменистана. Ашхабад, 1956 г.
32. Бичурин Н.Я. Собрание сведении о народах, обитавших в средной Азии в древние времена. Т. I, 1950 г.
33. Dostluk we hyzmatdaşlykgatnaşyklarynyňmundanbeýläkdepugtalandyrmak we ösdürmekhakyndaTürkmenistanbilenHytaýHalkRespublikasynyňarasyndabilelikdäkijarnama. (Türkmenistan. 2007 ý. Gorkutaýynyň 18-i)
34. Internet habarlary.www.google.ru.
35. Туркменистан – Китай. Сборник документов и материалов. Пекин, 1999 г.
36. Советская историческая энциклопедия. Т. 13 стр. 1001-1002.
37. Бабков А.Г. Территория Туркменистана по предстовлением ученых древности. Ашхабад, 1991 г.

38.Росляков А.А. Краткий очерк истории Туркменистана. Ашхабад, 1956 г.

39.Бичурин Н.Я. Собрание сведении о народах, обитавших в средной Азии в древние времена. Т. I, 1950 г.

40. Dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň mundan beýläkde pugtalandyrmak we ösdürmek hakynda Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda bilelikdäki jarnama. (Türkmenistan. 2007 ý. Gorkut aýynyň 18-i)

41. Internet habarlary.www.google.ru.

42.Н.Т.Федеренка. Китайская литература Москва 1956

43.Литература востокав среднии века. Изд Московсково университета 1970

44.Истории всемирной литературы М 1983

45.Истории всемирной литературы Изд «Просвещения» М 1967

46.Классическая проза дальнего востока М 1975

47.Краткая литературная энциклопедии 1975

48.Литература древного Китая Сб ст М 1963

49.Dünýä edebiýaty žurnaly Aş 2011 N2

50. Dünýä edebiýaty žurnaly Aş 2013 N2